*Gymmat kanuny* – bu haryt önümçiliginiň ykdysady kanuny bolup, ol harytlaryň öndürilişini we alyş-çalşyny olaryň jemgyýetçilik zerur zähmet harajatlaryna laýyklykda şertlendirýär. Gymmat kanuny nyrhlaryň kanuny hökmünde ýüze çykýar. Nyrh gymmatyň pul görnüşindäki aňladylmagy, harytlary öndürmek üçin çykarylýan jemgyýetçilik zerur zähmet harajatlarynyň aňladylmasy bolup durýar.

Ekwiwalent alyş-çalyş mahalynda öňki geçen we häzir-ki zähmetiň öwezi doldurylýar, üznüksiz önümçilik üçin şertler döredilýär, indiwidual harajatlary azaltmaga, zähmeti tygşytlamaga höweslendirme ýüze çykýar. Eger-de alyş-çalşyň ekwiwalentligi bozulsa, haryt öndürijiler öz ha-rajatlarynyň öwezini dolduryş mümkinçiliginden mahrum bolýarlar, olaryň önümçiligi kämilleşdirmäge we ösdürmäge gyzyklanmasy peselýär.

Gymmat kanuny önümçiligiň düzgünleşdirijisi hökmünde çykyş edýär. Meselem, nyrhlaryň gymmatyň töwereginde üýtgäp durmagy haryt öndürijileri ol ýa-da başga bir harytlaryň önümçiligini artdyrmaga ýa-da kemeltmäge mej-bur edýär. Bu bolsa zähmetiň we önümçilik serişdeleriniň ykdysadyýetiň dürli pudaklarynyň arasynda gaýtadan paýlanmagyna getirýär.

Emma nyrhlar diňe gymmat kanunynyň täsiri astynda emele gelmeýär. Munuň özi jemgyýetçilik zerur zähmet harajatlarynyň üýtgemeginiň hemme halatlarynda nyrh-laryň öz-özünden üýtgemeýändigini aňladýar. Nyrhlar jem-gyýet üçin zerur ykdysady deňölçeglilikleri kemala getir-megiň we goldap saklamagyň iňňän möhüm guraly bolup durýar.

Gymmat kanunynyň täsiri kärhanalary önümleriň jemgyýetçilik zerur zähmet harajatlaryna laýyklykda öndürilmegine nazarlandyrýar we harytlaryň indiwidual gymmatyny peseltmäge, ylmy-tehniki ilerlemäni çaltlandyrmaga, iş wagtynyň ähli çäreler arkaly tygşytlanmagyny üpjün etmäge iterýär.

Gymmat kanunynyň täsiri zähmet harajatlarynyň gymmat görnüşinde hasaba alynmagynyň zerurlygynda ýüze çykýar.

**Akbibi TAÝLAKOWA**
**Daşoguz agrosenagat orta hünär**
**okuw mekdebiniň mugallymy,**
**Zenanlar guramasynyň başlygy**

Все права защищены